# Jelaletdin / 1-nji bölüm: «Älemi sarsdyryjynyň» lagerinde

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy proza
написано kitapcy | 26 января, 2025
Jelaletdin / 1-nji bölüm: «Älemi sarsdyryjynyň» lagerinde **VI. «Älemi sarsdyryjynyň» lagerinde**

Gara Irtyşyň ýokary akymlarynda, gök otly sähranyň ortasynda seleňläp oturan ýalňyz depäniň eteginde depesinde iki şahly öküziň altyndan ýasalan kellesine meňzeş şekil oturdylan ullakan sary ýüpek çadyr durdy. Ony Çingiz han hytaý imperatoryndan olja alypdy. Çadyryň aňry ýanynda gümmezekläp oturan iki ak öýüň gap biline insiz alabeder haly oralypdyr. Olaryň birinde Çingiz hanyň iň ýaş, gözel aýaly Kulan hatyn öz körpeje ogly hem hyzmatkär hytaý zenanlary bilen ýaşaýardy.
Sary çadyryň öňündäki arassa edilip süpürilen meýdançadaky daşdan örülen on iki sany gurban berilýän ojak kysmy desgada hemişe alaw ýanyp durdy. Beýik kaganyň ýanyna tagzym etmäge barýan adamlaryň hemmesi şol alawlaryň arasyndan geçmege borçludy. Doga okaşyp, bögürişip towsaklaşýan porhanlaryň aýtmagyna görä, şol alawlaryň arasyndan geçende gara ýürekli adamlar erbet pikirlerinden saplanyp, päliýamanyň töwereginde göze görünmän gaýmalaşýan arwah-jynlar umma gaçýarmyş.
Çadyryň bir gapdalynda Seter atly ak at altyn teblä örklengi durdy. Gözleri uçganaklap duran bu ata heniz hiç bir adam münüp görmändi. Belet adamlaryň aýtmagyna göre, Çingiz hanyň ýörişleri wagtynda mongol goşunlarynyň penakäri, ýowuz uruş hudaýy Sulde göze görünmän şol atyň üstünde oturyp, olary uly ýeňişlere alyp barýarmyş.
Çadyryň beýle gandalynda Çingiz hanyň iň gowy görýän söweş aty – ýaýbaň göwüsli Naýman hemişe eýerlengi durdy. Aýaklary hem guýrugy gara, oňurgasynyň üstünden gara zolak uzalyp gidýän açyk çypar reňkli Naýman gadymky ýabany sähra atlarynyň

tohumyndandy.
Keramatly Seteriň gapdalynda ýere sanjylan uzyn bambuk çybygyndan gyrgyny penjesine gysyp duran Bürgüt şekillendirilen dokuz guýrukly baýdak pasyrdaýardy. Golaýdaky agylda saýlama baýtallar öz taýçanaklary bilen toplanyşyp durdy. Kagan olary hemişe köpürjikläp duran täze gymyz içmek üçin saklaýardy.
Depeniň töweregine janpenalar – turgaudlar üç hatar bolup aýlanypdyr. Ýaragly, okdanly hem demir tuwulgaly janpenalar mongol hökümdarynyň keramatly çadyryňa janly-jemendäniň aýagy sekmez ýaly sak durdylar.
Ondan aňyrda – sähranyň goýnunda mongollaryň gara öýleri hem tangutlaryň sary çadyrlary ýaýrap otyrdy. Kaganyň bu şahsy küreninde müň sany ak atly saýlama janpenalary ýaşaýardy. Bu müňlük diňe at-owazly hanlaryň ogullaryndan ybaratdy. Kagan olaryň has düşbi hem edermenlerini saýlap, otrýadlara baştutan belleýärdi.
Ondan asyrda ýerleşen kürenler giň sähraň goýnuna pytrap, gur tokaý bilen örtülen gök daglara çenli uzalyp gidýärdi. Kürenleriň arasyndaky boş meýdanlarda düýeler, öküzler hem dürli reňkli gylýal sürüleri otlaşyp ýördi. Atbakarlar gykylyklaşyp, hersi aýratyn reňkde bolan sürüleriň garyşmazlygy, ýaş taýçanakly baýtallaryň özbaşyna otlap ýören toparyna ýakynlaşmazlygy üçin ellerindeki gatylarydyr syrtmaklaryny bulaýlap, ondan-oňa at salýardylar.
Mongollaryň lageri öz aýratyn durmuşy, tertip-düzgüni hem däp-dessury bilen ýaşaýardy. Goşun ummasyz uly görünýärdi. Ol hakda edil joşan deňiz ýaly ägirt hem gorkunç diýip gürrüň edýärdiler. Diňe «günüň batýan ýerindäki» ýurtlary boýun egdirmäge giden mongol goşunynyň jemi sanynyň bir ýüz ýigrimi bäş müň adamdan ybaratdygyny täk Çingiz hanyň özi hem onuň iň ýakyn adamlary bilýärdi. «Älemi sarsdyryjy», ine, şu goşun bilen Beýik Horezmi hem onuň bilen araçäkdeş ýurtlary basyp almagy ýüregine düwdi.
Günortanyň tüp yssysynda hiç hili öwüsginsiz sähranyň üstünde tebt alan gyzgyn howa endiräp durdy. Çingiz hanyň bütin lageri melullygyň goýnunda meýmireýärdi. Adatda, düzlükde aýlanyşyp

ýören atlaram häzir kowçum tutuşyp, gymyldaman, diňe kellelerini silkeläp töwereklerinde gaýmalaşýan bökeleklerden goranýardylar.
Alysdan edil siňegiň wyzzyldysyna çalymdaş sogup çykýan inçejik ses eşidildi. Soňra çalt-çalt jyňňyrdaýan jaň sesi aýyl-saýyl bolup ugrady. Sähel wagtdanam iki adamyň ýüzin salyp gelýän atlarynyň toýnagyndan göterilýän çal tozan göründi… Olar gara mongol öýleriniň ýanyna ýetenlerinde atlaryň biri ýykyldy-da, üstündäki oturan tüwdürilip gitdi.
Ylgaşyp baran janpenalar atlaryň jylawundan ýapyşyp, olary saklaw ýere alyp gitdiler. Ýanlary garawully iki adam taýçanaklaryň saklanýan agylynyň deňinden geçip barýarkalar Çingiz hana sataşdylar. Äpet göwreli, ýary çalaran uzyn çypar sakgally kaganyň egninde gara reňkli ýönekeý çopan geými, aýagynda ak gaýyş ädigi bardy. Ol ak baýtalyň öňünde çöküne düşüp oturyşyna, entek gowy aýaklanmadyk çal taýçanagyň emelsizlik bilen sokjap, ejesini emjek bolşuny synlaýardy.
Gelen iki adamyň elleri saralgydy. Güp ýaly çişen ýüzleri durşuna ýarady. Keşpleri tanar ýaly bolmany üçin, kagan olara tarap öwrüldi-de geň galyp sorady:
– Kim borsuňyz?
– Beýik kagan! Ozal biz seniň müňbaşylaryňdyk. Häzir welin görden çykandan tapawudymyz ýok. Horezmiň şasy bizi masgaralap, edil garakçy ýaly kabul etdi. Onuň ýanyndaky gedem hanlar bolsa esgeriň abraýy hem mertebesi bolan sakgalymyzy otladylar! Soňam serhede getirdiler-de, atlarymyzy hem beýleki ähli zatlarymyzy alyp, masgara edip kowup goýberdiler.
– Meň wepaly kömekçim hem egindeşim Ibn Kefrej Bogra nirede?
– Seň hatyňy dogry durup, bolşy ýaly okany üçin horezmli itler ony çapyp taşladylar.
– O nähili? Men, ilçimi kerçedilermi?! Edermen, wepaly Ibn Kefrej Bogra ölüpdir-dä onda?
– Haýp, şeýle boldy!..
Çingiz han eňräp, bir gysym gum aldy-da, depesinden seçdi. Ýumrugy bilen ýaş syrygýan ýüzüni süpürdi. Ol agyr göwresini tagaşyksyz selkildedip, tozaýaly ýol bilen öňe okduryldy. Golaýynda duranlaram onuň yzyna düşdüler. Bu gykylygyň

sebäbinden bihabar beýleki nökerlerem olara goşuldylar.
Kagan haşlap, iň golaýda duran zersiz atyň ýanyna bardy-da, ýalyndan ýapyşyp, arkasyna özüni atdy. Soňam sähra bilen alysda gögerip görünýän daga bakan tutdurdy. Onuň ylgaşyp gelen ogullarydyr ähli janpenalaram şol ýana eňdiler.
Olar atlaryny ýüzin salyp belent dagyň etegine bardylar. Kaganyň çal gaýanyň depesinde pes boýly sosnalaryň arasynda durany uzakdan aýyl-saýyl görünýärdi. Ol telpegini çykardy-da, ýumrugyna geýdirdi, guşagyny bolsa boýnundan asdy. Bu onuň «durkum bilen özümi asmanyň ygtyýaryna tabşyrdym» diýdigidi. Iri gözýaşlar kaganyň garaýagyz, üstesine-de gum sürtülen ýüzünden ýol ýasap syrygýardy.
– Baky gök asman! Sen ýagşa hemaýat edip, ýamana göz görkezýäň! – diýip, kagan gygyrdy. – Sen melgun musulmanlara ýowuz jeza berersiň. Meniň edermen gerçeklerim, eşidýäňizmi: musulmanlaryň şasy meniň dostlukly hat bilen ýollan wepaly ilçimi öldüripdir, onuň hyzmatkärleri bolsa edil doňuzyň läşini daglan ýaly edip, beýleki iki ilçimiň sakgalyny otlapdyrlar. Olaryň atlaryny alyp, sergezdan kysmy edip kowup goýberipdirler. Horezm şasynyň buýrugy boýunça meniň söwda etmege baran ähli täjirlerimi öldürip, harytlarynyň hemmesini talapdyrlar… Heý, biz muňa çydap bilerismi?
– Bizi ýörişe äkit! – diýip, mongollar gygyryşdylar. – Biz olaryň şäherlerini ýumrup, ähli aýallaryna, çagalaryna çenli gylyçdan geçireris!.. Ähli mallaryny, atlaryny ellerinden alarys!
– O ýerde – Horezmde aýaz, sowuk gaýlar bolanok! – diýip, Çingiz han öňki hörpünde sözüni dowam etdi. – O ýerde elmydama tomus. Olaryň ýurduňda süýji gawun, pagta, üzüm ösýär… Öleňlerinde tomsuna üç gezek ot ýetişýär. Biz olaryň ýerlerini ellerinden alyp, otlarys, şäherlerini ýer bilen ýegsan ederis. Ýurtlaryny tekizläp, arpa ekeris. Ol ýerlerde atlarymyzy bakarys, mongol öýlerini dikeris. Olarda biziň wepaly aýallarymyz hem çagalarymyz ýaşar. Siz musulmanlaň ýurduna söweşe gitmege taýynmysyňyz?
– Bize diňe duşmanlaň nirededigini görkezseň bor. Olary gylyçdan geçirip, ýurtlaryny depgiläris – diýip, mongollar

gygyryşdylar.
– «Bagtly aýyň»1 wagty ýetip geldi. Haýal etmän gozganmagy hem Olaryň
üstüne ýörişe ugramagy buýurýaryn!..
Agşamlyk öz çadyryňa dolanyp gelen Çingiz han iň uly harby baştutanlaryny ýanyna çagyrdy. Olaryň arasynda kaganyň ýaşlyk ýyllarynyň ýoldaşlary – şan-şöhrada beslenen, billeri bükülen, saç-sakgallary agaran, eti-gany gaçyp, hamlary salparyşyp duran garrylar-da, aňlary kesgir, dereje, şöhrada, baýlyga teşne ýaş batyrlar-da bardy. Her biri öz baýdagynyň astyna ýaragy gurat, ýörişe gitmäge taýyn bolup duran bir tümeni – on müň atlyny jemleýän bu harby baştutanlar dos-dogry otuz adamdan ybaratdy.
Bol-elin meýlisden, täze ýörişiň başlanjagyndan keýpi göterilen Çingiz han tagtynda aýbogdaşyny gurap otyrdy. Ol
bişen etiň böleklerini alýardy-da, aýratyn hezzet edesi gelen myhmanynyň agzyna öz eli bilen dykýardy. Meýlisiň soňragynda ol:
– Hany, meň hemişe hyzmata gaýym uýgurym nirede? – diýip sorady.
Soralaryna mähetdel mürze hem möhürdar garry uýgur Ysmaýyl hoja çadyra girdi. Ol tagzym bilen tagta golaýlady-da, dyza çöküp, elindäki düýrlenen kagyzy depesine göterdi.
– Sen Horezmiň meň ilçimi öldüren gedem şasy Muhammede hat ýazdyňmy?
– Eýýäm taýyn, hökümdarym!
– Örän oňat! Oka!
Ysmaýyl hoja labyz bilen okap ugrady:
– «Baky gök asman meni ähli halklaryň kagany edip belledi. Meniňki ýaly patyşalygy gadymy döwürlerden başlap, hiç kim döreden däldir. Men boýun egmedik hökümdarlaryň ýurduny ýer-ýegsan eýläp, ilatyny aýylganç ejire sezewar edýän. Sen näme üçin meni äsgermezlik edýäň? Sen meniň ilçilerimi masgaralamaga neneň het etdiň? Entegem giç dälkä, aklyňa aýlan…»
Çingiz han tagtdan aýaklaryny sallap, edil guduzlan ýaly Ysmaýyl hoja topuldy-da, entek okap gutarmadyk hatyny elinden

kakyp aldy.
– Sen muny kime ýazýaň? Meň bilen gepleşmäge mynasyp hökümdaramy ýa-da sary gulak itiň oglunamy? Duşman bilen şeýle gepleşilýänmidir? Sen näme, Muhammediň meni özünden gorkýandyr öýtmegini isleýärmiň?.. Başga mürzeni çagyryň!
Ysmaýyl hoja ýüzüni hala berip, tükge duşup ýatyşyna gorkusyndan saňňyldaýardy. Kagan ony guşagyndan tutup, süýräp gapynyň agzyna eltdi-de, syrtyna depdi.
Çingiz han öwrülip gelip, ýene-de tagtynda ornaşdy. Ol çep aýagynyi daraklygyna galyp, sag dyzyny gujaklap esli salym pikire çümüp oturdy. Pişigiňki ýaly gök gözleri kä giňelip, kä süzülýärdi…
Eli galamly, syýaly hem arassa kagyzly başga bir mürze tagtyň ýanynda häzir boldy. Çingiz han gahar ody uçganaklaýan gözlerini süzüp, sesini çykarman, bir nokada garap otyrdy. Soň ol mürzä tarap ýüzüni öwürdi.
– Şeý diýip ýaz: «Sen niýetiň uruşmakdy – şoňa-da ýetdiň!..» Möhüri ber!
Ol gök reňke batyrylan altyn möhüri aldy-da, kagyza basdy. Kagyzyň ýüzünde şu sözler peýda boldy:

Asmanda – Hudaý. Kagan – onuň ýerdäki kuwwaty.
Hemmeleriň täleýi onuň elinde.
Külli adamzadyň hökümdarynyň möhüri.

Dym-dyrs çadyrda Çingiz han mongollaryň hüjüme geçende gygyrýan sözlerine sesiniň ýetdiginden arlady:
– Kýu-ur! Kýu-ur! Kýu-ur!
Çingiz hanyň çadyryň gapdalynda daňylgy duran söýgüli atlary eýeleriniň sesini eşidip kişňediler. Sähel wagtdan lageriň ähli künçlerindäki mongol atlary olara ses goşdular.
– Haty… Musulmanlaň serhedine ugratmaly… Çaparyň ýanyna saklaw goşmaly… Üç ýüz atly gitsin…
Mürze çadyrdan çykdy. Çingiz han oturanlara nazar salyp, pişigiň myrryldysy ýaly mähirli ses bilen söze başlady:
Basym musulmanlaň ýerlerinde keýp çekeris. Men eýýäm atlaryň tozanynyň baglary, meýdanlary dolduryp, günüň öňüni

perdeleýşini göz önüne getirýän… Gorkup, haýýaty göterilen adamlaryň gaçyp barşyny, boýnuna syrtmak düşen aýallaryň süýrelip barýarka çygyryşlaryny eşidýän. O ýerdäki derýalaryň suwy adam ganyndan edil şu meý ýaly gyzarar, ýanýan obalardyr şäherleriň tüssesinden ýaňa asman garalar…
Ol gözlerini süzdi-de, ýogyn, kelte barmagyny ýokary göterip, lageriň Ähli ýerinde kişňeşýän atlaryň gohuna, «Kýu-ur! Kýu-ur! Kýu-ur!» diýlen seslere diň saldy. Gorjalan ary ketegine dönen mongol goşunynyň gykylyk-gopguny barha güýjeýärdi.

---

1 «Bagtly aý» – ýagny, nähilidir bir möhüm işe ýa-da ýörişe başlamak üçin porhanlaryň «bagtly» diýip bellän güni. Taryhy proza